# MALIÝE WE YKDYSADYÝET

## FINANCE AND ECONOMY

## ФИНАНСЫ И ЭКОНОМИКА




№ 1 / 2024

# TÜRKMENISTANYŇ YKDYSADY ÖSÜŞ STRATEGIÝASY: INTELLEKTUAL EÝEÇILIK WE DÖWREBAP TEHNOLOGIÝALAR

**Akmuhammet JUMAGULYÝEW,**
Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň
«Türkmenistanyň daşary syýasaty we diplomatiýasy» žurnalynyň redaksiýasynyň jogapkär kätibi
**Gülsenem HOMMADOWA,**
Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň
Halkara hukugy we deňeşdirme hukuk öwreniş
kafedrasynyň öwreniji-mugallymy

Häzirki wagtda ýurdumyzyň ykdysadyýetini Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň talabyna laýyklykda kämilleşdirmek, ýagny hojalyk işini täze çygyrlara çykarmak maksady bilen uly tagallalar edilýär. Ýurt Baştutanymyzyň çykyşlarynda oýlap tapyşlary we beýleki ylmy-tehniki gazananlary peýdalanmagyň möhüm ähmiýeti, ylmyň önümçilik bilen ýakyndan arabaglanşygyny ýola goýmagyň zerurlygy barada yzygiderli nygtalýar. Şeýle hem döwlet Baştutanymyzyň öz çykyşlarynda intellektual eýeçiligiň desgalarynyň goralmagyna gönükdirilen işleriň esasynda toplumlaýyn çäreleriň durmuşa geçirilmeginiň wajypdygyny, bu pudagyň ösdürilmegi Türkmenistanyň dünýä hojalyk gatnaşyklary ulgamyna goşulyşmagynyň we bu ugurda döwlet syýasatynyň yzygiderli amala aşyrylmagynyň möhüm şerti bolup durýandygyny belleýär.

Ýurdumyzda soňky ýyllarda intellektual eýeçilik bilen bagly gatnaşyklar, ykdysady taýdan ösen beýleki daşary ýurt döwletlerinde bolşy ýaly, Türkmenistanda-da bazar gatnaşyklarynyň hereketlendiriji güýjüne öwrülmek bilen, häzirki zaman maglumat tehnologiýalarynyň, şeýle hem köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň, internet torunyň, ýokary kompýuter tehnologiýalarynyň kömegi bilen has-da kämilleşdi we giň gerime eýe boldy. Şunuň bilen baglylykda, intellektual eýeçiligiň nazary-hukuk esaslarynyň öwrenilmegini hem-de bu jemgyýetçilik gatnaşyklaryny hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň nazary esaslarynyň işlenip düzülmegini, häzirki döwürde milli hukuk ylmynyň möhüm meseleleriniň biri hökmünde kesgitlemek bolar.

Hukuk ulgamynyň bir görnüşi bolmak bilen, intellektual eýeçilik bazar gatnaşyklary ulgamynda fiziki we ýuridik şahslaryň öndürýän harytlarynyň we hyzmatlarynyň hukuk taýdan goralmagynda, şeýle hem telekeçilik işiniň, telekeçilik we alyjylyk medeniýetiniň ösmeginde möhüm orny eýeleýän, şonuň ýaly-da harytlaryň we hyzmatlaryň hiliniň ýokarlanmagynda hem işjeň täsirini açyp görkezýän jemgyýetçilik hadysasydyr.

Islendik jemgyýetiň ösmegi hukuk döwleti, jemgyýetde kanunyň agalyk etmegi bilen aýrylmaz baglydygyny hasaba almak bilen, ýurdumyzyň bedew batly ösüşleri Türkmenistanyň hukuk döwletidigini subut edýär. Munuň şeýledigini ýurdumyzda kabul edilýän kanunlar aýdyňlygy bilen tassyklaýar. Häzirki zaman ykdysady we hukuk ylmy edebiýatlarynda, şeýle hem käbir döwletleriň intellektual eýeçilik hukugy çygryndaky jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän kadalaşdyryjy hukuk namalarynda, Intellektual Eýeçiligiň Bütindünýä Guramasy bilen hyzmatdaşlygyň çäginde ylmy, edebi we sungat eserlerini döretmek, peýdalanmak, fonogrammalary, wideogrammalary ýaýlyma goýberiji edaralaryň gepleşiklerini ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly ýüze çykýan gatnaşyklary kadalaşdyrýan birnäçe Türkmenistanyň Kanunlary tassyklandy. Häzirki döwürde ýurdumyzda bu ulgamdaky kanunçylygy halkara hukuk kadalaryna laýyk getirmek, kämilleşdirmek boýunça işler dowam edýär.

Ýurdumyzy uzakmöhletleýin ösdürmegiň esasy strategiýasy bolan “Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda” intellektual eýeçiligi we döwrebap tehnologiýalary ösdürmegiň esasy ugurlary babatynda wajyp wezipeler kesgitlenilýär. Olara milli ykdysadyýetiň senagatlaşma derejesini ýokarlandyrmak, institusional özgertmeleri, sanly ykdysadyýeti we

sanly tehnologiýalary ornaşdyrmagy çuňlaşdyrmak, bazar ykdysadyýetini, kiçi we orta telekeçiligi işjeň ösdürmek, amatly işewürlik gurşawyny döretmek, bilimlere, innowasiýalara we ösen jemgyýete daýanýan, ykdysady, durmuş we ekologiýa taýdan amatly tehnologiýalary özünde jemleýän ykdysadyýetiň pudaklaýyn ösüşini dowam etdirmek, ýurduň sebitleriniň innowasion-industrial we durnukly ösüşini gazanmak, sebitleriň ykdysady kuwwatyny berkitmäge gönükdirilen çäreleri yzygiderli durmuşa geçirmek, ekologiýa we azyk howpsuzlygyny üpjün etmek, «ýaşyl ykdysadyýeti» höweslendirmek, adam maýasyny ösdürmek, raýatlaryň ýaşaýyş-durmuş derejesini, durmuş goraglylygyny we iş üpjünçiligini mundan beýläk-de ýokarlandyrmak degişlidir.




Türkmenistanda ylym we intellektual eýeçiligiň arabaglanyşygyny berkitmek hem-de olaryň döwlet tarapyndan goraglylygyny üpjün etmekde giň möçberli işler durmuşa geçirilýär. Şunda ýurdumyz üçin ylymyň täze ugurlary boýunça senagat we ykdysady işjeňliligini artdyrmak, energiýanyň täzelenýän çeşmelerini ulanmagyň mümkinçiliklerini öwrenip, ony önümçilige ornaşdyrmagyň möhüm ähmiýeti bar. Bu babatda Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli Maksatnamasynda hem wajyp wezipeler kesgitlenilýär.

Geljek ýyllarda ösüşiň innowasiýa we işjeň ugrunyň durmuşa geçirilmegi ýurduň senagat önümçiliginiň tebigatyny düýpgöter üýtgetmek, wagtyň geçmegi bilen dünýä ykdysady bazarynyň yzygiderli üýtgeýän şertlerine has uýgunlaşmak babatynda depginli işleri amala aşyrmak göz öňüne tutulýar. Döwletimiziň senagatlaşdyryş syýasatynyň esasy maksady tutuş ykdysadyýetiň pudaklaryny diwersifikasiýalaşdyrmak, ýurduň ykdysadyýetiniň esasy hereketlendirijisi hökmünde önümçilik pudagynyň ösmegi we emele gelmegi üçin şertleri döretmekdir.

Ýurdumyzy 2022-2030-njy ýyllarda senagat we innowasiýa taýdan ösdürmek, esasan hem, içerki bazaryň zerurlyklaryny doly kanagatlandyrmak üçin täze tehnologiýalara we global nou-hau işläp



taýýarlamalara bil baglamak, bäsdeşlige ukyply nebiti, gazy gaýtadan işleýän önümleri goşmaça gymmaty bilen ýokarlandyrmak wezipeleri senagat pudaklarynyň işinde innowasion özgertmeleri geçirmek arkaly amala aşyrylýar. Gara metallurgiýa önümleriniň geriminiň giňelmegine, alýumin, magniý, litiý öndürmek üçin reňkli metallurgiýa kärhanalarynyň gurluşygyna esaslanýan metallurgiýa pudagyny mundan beýläk-de diwersifikasiýa etmek, Gün energiýasynyň innowasiýa ösüşini ýarymgeçiriji kremniniň, ýarymgeçiriji enjamlaryň hem-de fotoelektrik modullaryň, şeýle hem Gün tehnologiýasynyň aýrylmaz bölekleri bolan aýnalaryň esasynda degişli senagat ugurlaryny işjeňleşdirmek hem möhüm bolup durýar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň dünýäniň ösüşiniň aýrylmaz şertleri we häzirki zaman dünýä ykdysadyýetiniň möhüm ugurlary bolan energiýany tygşytlamak, ekologiýa taýdan arassa daşky gurşawy üpjün etmek, howply himiki galyndylary oýlanyşykly dolandyrmak, biodürlüligi goramak, ykdysadyýeti gurluş taýdan özgertmekde innowasion çemeleşmeden ugur almak, gazylyp alynýan uglewodorod serişdelerine bagly bolmadyk ykdysadyýete geçmek we beýleki ugurlary boýunça amala aşyrýan döwlet syýasatynyň we halkara hyzmatdaşlygynyň çuňňur ylmy we amaly esaslary bardyr. Soňky ýyllaryň ylmy barlaglary howanyň düýpli üýtgemeginiň we parnik gazlarynyň döremeginiň beýleki mümkin bolan şertleri bilen birlikde antropogen täsiriniň uludygyny subut etdiler. Şunuň bilen baglylykda, dünýäniň aýry-aýry döwletlerinde önümçilik işleriniň guralyşy we bu hadysalaryň dünýäniň umumy ösüş ýagdaýyna ýetirýän täsirleri halkara gatnaşyklarda “ýaşyl ykdysadyýetiň” we bu ugurda netijeli halkara hyzmatdaşlygy ýola goýmagyň mümkinçiliklerini artdyrýar.

“Ýaşyl ykdysadyýete” geçmek ykdysady abadançylygy gazanmagyň möhüm şerti bolup durýar. Bu syýasat önümçilikler ýola goýlanda innowasiýa, energiýany tygşytlaýjy we ekologiýa taýdan arassa tehnologiýalary ulanmaklygy göz öňünde tutýar. Şu nukdaýnazardan, gaýtadan dikeldilýän energiýa serişdeleri diňe bir ekologiýa taýdan arassa çeşme bolman, eýsem netijeli ösüşiň we “ýaşyl ykdysadyýete” geçmegiň geljegi uly hem-de netijeli ugurlarynyň biridir.

Häzirki döwürde ekologiýanyň we howanyň üýtgemegi bilen wodorody öndürmek we ony ulanmagyň mümkinçiliklerini öwrenmek aýratyn möhümdir. Dünýäde pes uglerodly energiýa we wodorod ýangyjyna geçmek bilen bagly işleriň güýçlenmegi geljekde energiýa serişdelerine bolan islegiň gurluşynyň üýtgemegine getirer diýip garaşylýar. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň wodorod energiýasy babatda halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmek boýunça 2022-2023-nji ýyllar üçin «Ýol kartasynda» hormatly Prezidentimiziň energetika ulgamynda öňe sürýän halkara başlangyçlary öz beýanyny tapdy.

Ýokary ylym sygymly senagat we innowasiýa pudagyny ösdürmegiň zerurlyklary, ileri tutulýan ugurlar hökmünde pudaklar üçin ýokary hünärli inžener we tehniki işgärleri taýýarlamak ulgamyny kämilleşdirmek, gözleg we ösüş işleri üçin döwlet tarapyndan maliýeleşdirmegiň düýpgöter giňeldilmegi bilen bagly wezipeler öňe sürülýär. Innowasiýa infrastrukturasy döredilip, maglumat merkezleriniň, işewürlik inkubatorlarynyň, tehnologiýa parklarynyň, ylym şäherleriniň ulgamlary kämilleşdiriler. Şeýle hem senagatlaşmanyň has-da işjeňleşmegi bilen elektron senagat ulgamynyň ösüşine we wodorod energetikasynyň mümkinçilikleriniň öwrenilmegine aýratyn üns berler. Elektron senagat ulgamynda daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek arkaly ylmy-barlag merkezlerini we täze önümçilikleri döretmek göz öňünde tutulýar.

Milli ýaşyl ykdysadyýet gurulýan mahalynda serişde taýdan netijeliligiň düýpgöter täze modeline - galyndysyz ykdysadyýete geçmegiň uzak möhletli strategiýasyndan ugur alynýar. Şunda galyndysyz ykdysadyýete geçmeklik köp taraply çemeleşmäni göz öňünde tutýar: bu innowasion tehnologiýalary, işewürligiň täze görnüşlerini, şeýle hem jemgyýetiň galyndysyz ykdysadyýetiň ýörelgelerine laýyk gelýän işewürlik-özara hereketiň täze ýörelgelerini döretmäge taýýarlygyny öz içine alýar. Bularyň ählisi milli ykdysadyýetiň, ilkinji nobatda intellektual zähmeti hem ylymyň we tehnikanyň iň täze gazananlaryna daýanýan gaýtadan işleýän pudaklaryň tehniki-tehnologik taýdan düýpli döwrebaplaşdyrylmagynyň hem pajarlap ösmeginiň baş şertine öwrülýär.

**Edebiýat:**

*1. Türkmenistanyň Prezidentiniň Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň mejlisinde sözlän sözi // “Türkmenistan”. 22.05.2021 ý.*

*2. Nuryýew Ý. Türkmenistanyň kanunçylygynyň esaslary. - A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010. – S.188-194.*

*3. https://tdh.gov.tm/tk/post/22121/intellektual-eyecilik-ulgamyndaky-halkara-hyzmatdaslyk.*

*4. “Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň milli Maksatnamasy” A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2022. – S. 3-5.*